# ÖZGERTMELER ÜÇIN WAGT: Türkmenistanda pagta 2022

Iýun 2023

## GYSGAÇA MAZMUNY

Türkmenistan jemgyýetçilik durmuşyň ähli ugurlaryna berk gözegçilik edýän, düýbünden korrumpirlenen we esassyz, tötänleýin dolandyryş ulgamly, dünýäniň iň ýapyk we repressiw ýurtlarynyň biridir. Ol pagta öndürmekde dünýäde 10-njy orunda durýar, pagta süýümini, ýüplügi we dürli matalary, şeýle hem taýar egin-eşikleri eksport edýär. Hökümet on müňlerçe kärendeçi daýhanlaryň, döwlete degişli bolan býujet sektoryndaky işgärleriň we beýlekileriň korrumpirlenen elitanyň peýdasyna pagtany öndürmek we hasyly ýygnap almak üçin mejbur edilmegine we olaryň zähmetini giňden ulanmagyna esaslanýan pagtaçylyk pudagyna doly gözegçilik edýär. Hökümet her ýyl daýhanlara pagta öndürmek üçin kwota (plan) berýär we jerime salmak ýa-da kärende ýeriňi ýitirimek ýaly jeza howpy astynda bellenen tabşyrygyň ýerine ýetirilmegini gazanýar. Döwlet tohum, dökün, pestisidler, oba hojalyk tehnikasy, ýangyç we suwaryş mümkinçilikleri ýaly pagta öndürmek üçin zerur bolan ähli serişdelere we şertlere gözegçilik edýär hem-de daýhanlaryň pagta hasylyny döwlete satmaly bahasynda özi kesgitleýär.

Her ýylyň awgust aýyndan dekabr aýyna çenli dowam edýän hasyl ýygnamak möwsüminde Türkmenistanyň hökümeti býujet guramalarynyň on müňlerçe işgärlerini, şol sanda mekdepleriň, çagalar baglarynyň, hassahanalaryň we bejeriş klinikalaryň, ýaşaýyş we jemagat hyzmatlar gullugynyň, döwlet edaralarynyň we döwlet kärhanalarynyň işgärlerini pagta ýygmaga ýa-da öz ornuna başga birini hakyna

Hasabaty doly göçürip almak üçin QR koduny skanirläň

Pagta kampaniýasy bu Merkezi Aziýada mejbury zähmeti bes etmek we pagta pudagyndaky işçileriň mynasyp iş bilen üpjün edilmegi boýunça iş alyp barýan adam we zähmet hukuklary boýunça hökümete degişli bolmadyk (HDB) jemgyýetçilik guramalarynyň, garaşsyz kärdeşler arkalaşyklarynyň, söwda we işewürler birleşikleriniň, jogapkär maýa goýujy guramalaryň, üpjünçilik zynjyrynyň aýdyňlygyny gazanýan toparlarynyň we akademiki hyzmatdaşlaryň koalisiýasy.

Düýbi Amsterdamda ýerleşýän Turkmen.News neşiri pagta kampaniýasynyň köpden bäri hyzmatdaşy bolup, ol on ýyl bäri Türkmenistanda pagta önümçiliginde giňden ulanylýan mejbury zähmetine gözegçilik edýär.

Wenada ýerleşýän Ynsan hukuklary boýunça Türkmen Inisiatiwasy Türkmenistanda adam hukuklary meselesinde öňdebaryjy ses bolup, ençeme ýyl bäri "Türkmenistanyň Hronikasy" web-sahypasynda hukuk meseleleri boýunça ilkinji çeşme hökmünde özüniň birnäçe synlaryny çap etdi.



Daşoguz welaýatynyň mekdep mugallymlary we çagalar bagynyň terbiýeçileri ýygylyp döwlete tabşyrylmaly pagtanyň agramyny ölçeýärler. Oktýabr 2022. Surat Turkmen.News.

tutmaga mejbur edýär, iş ýeriňi ýa wezipäňi dolulygyna ýitirmek, iş wagtyňy kemeltmek ýa-da aýlyk hakyňy azaltmak ýaly jeza çäreleriň howpy bilen hakyna tutulan adamlara hakyny we hasyl bilen bagly bolan beýleki çykdajylary öz hasabyna pul tölemeklerini býujetçilerden talap edýär.

Hökümet tarapyndan dolandyrylýan bu monopoliýa eýe bolan ulgam garyplygy we çaga zähmetini höweslendirmek bilen bir hatarda jemgyýetiň korrumpirlenen saýlama elitasynyň baýlaşmagyna goşant goşýar. Zähmeti mejbury görnüşde ulanýan bu ulgam döwlet býujetinden aýlyk alýan işgärlerini esasy iş ýerlerinden pagta meýdanlara çekmek bilen  saglygy goraýyş we bilim ýaly döwlet tarapyndan edilýän esasy hyzmatlaryň berilmegine-de weýrançylykly täsir etdi. "Ak altyn" diýlip hem atlandyrylýan, mejbury zähmeti giňden ulanmak bilen öndürülýän we ýygnalýan pagta global haryt üpjünçilik zynjyrlaryna hem çuň aralaşýar. Pagta süýümi, pagta ýüplügi we matalar Türkiýe, Päkistan we Portugaliýa ýaly ýurtlara eksport edilýär, el süpürüjiler we ýorgan-düşek ýaly taýar önümler mejbury zähmet üsti bilen öndürlen önümleriniň import gadagançylygyna, global haryt üpjünçilik zynjyrlaryndaky harytlary toplumlaýyn barlagdan geçirmek baradaky talaplara we mejbury zähmeti düzgünleşdirýän ýa-da çäklendirýän beýleki kanunlaryň bardygyna garamazdan,  ABŞ-nyň, Kanadanyň we Ewropanyň haryt bazarlarynda satylýar.

Türkmenistanda mejbury zähmeti ulanmak bilen pagta hasylyny ýygnamak kadadan çykýan anomal ýagdaý däl. Adam zähmetini ekspluatirlemek tejribesi buýruk bilen dolandyrylýan oba hojalyk önümçilik ulgamynyň aýrylmaz bölegi bolup, ol tejribe bugdaý, ýüpek pile we beýleki önümleri öndürmekde-de giňden ulanylýar. Döwlete degişli edara kärhanalaryň işgärleri diňe bir pagtany ýygnamak üçin däl, eýsem gowaça ekinleri hapa-haşal otlardan arassalamaga, ýekelemäge we gowaçanyň ujyny çyrpmak işlerine-de we orak möwsüminde bugdaý hasylyna gözegçilik etmäge, ýüpek pile öndürmäge hem zor bilen mobilizlenýär. Döwlet tarapyndan berk gözegçilik we adamlary olaryň gulluk borçlaryna girmeýän işleri ýerine ýetirmäge mejbur etmek tejribesi durmuşa şeýle bir çuňňur ornaşypdyr welin, daýhanlar toprak, suw we howa şertlerini göz öňünde tutmazdan, diňe döwlet emeldarlaryň beren görkezmesi esasynda ekinleri ekmäge mejbur bolýarlar.

Howanyň çenden aşa guraklygy we ýiti suw ýetmezçiligi daýhanlaryň ekin meýdanlaryny endigan we dogry suwarmagyna böwet bolýar, olary ýurtdaky bar bolan suw ýetmezçiligini çözmekden ýüz öwürýän hökümetiň kömegine mätäç edýär.

2022-nji ýylda-da daýhan birleşikleriň administrasiýasy buýruk esasynda dolandyrylýan ulgamyna goldaw berip, ekerançylyk meýdanlary taýar bolmanka daýhanlara ekin ekmekligi tabşyrdy we status-kwony saklamak üçin esasy zerur serişdelere, hususan hem suwa gözegçilik etdi.

# ESASY NETIJELER

Býujet guramalarynyň işgärleriniň zähmetini  pagta hasylyny ýygnamakda mejbury ulanmak iş tejribesi ýurduň ähli sebitlerinde giňden ýaýrap, ulgamlaýyn häsiýete eýe boldy. Döwlet işgärleri pagtany özleri ýygmaly, hakyna tutulan adamlaryň iş ňaklaryny tölemeli ýa-da pagtany ýygmak we bellenen plany dolmak üçin edara ýolbaşçysyna pul bermäge, ýagny "ýa özüň pagta ýyg ýa-da pagta üçin pul töle" diýilen talaba tabyn bolmaga mejbur edildi. Şol bir wagtyň özünde-de olar hemişeki esasy iş borçlaryny hem özleri ýa-da kärdeşleri tarapyndan ýerine ýetirmäge borçly edildi.

Garyplyk we hereket edýän mejbury zähmeti ulanmak ulgamy bilen baglylykdaky sebäpler bilen 2022-nji ýylyň hasylyny ýygnap almakda çaga zähmeti giňden ulanyldy. Käbir çagalar "pagtany özüň ýygmaly ýa-da ony ýygjaga pul tölemeli" diýilen talap bilen mejbur edilýän döwlet işgärleri tarapyndan hakyna tutulan bolsa, beýlekileri pagta ýygmaga zor bilen mobilizlennen ya-da pagta üçin pul tölemäge mejbur edilýän öz ene-atalarynyň  ýa-da garyndaşlarynyň ornuna pagta meýdanlara çykmaly boldy. Käbir çagalar bolsa ýeter-ýetmezçilik zerarly maşgalasyna pul gazanmak üçin pagta ýygmaly boldy. Hat-da sekiz ýaşly çagalar hem tutuş ýurt boýunça gowaça meýdanlarynda ulular bilen bir hatarda pagta ýygdylar.

Býujet işgärleriniň pagta ýygmak mejburlygy birnäçe günden birnäçe hepdä çenli dowam edip biler we beýle ýygymçylar zor bilen bu işe çekilendigine ýa-da çekilmedigine garamazdan, özlerini iýmit, suw we ýatak jaý bilen üpjün etmelidirler. Käbir işçiler özleriniň gündelik ulag üçin çykdajylaryny tygşytlamak üçin hat-da howanyň temperaturasy nol derejeden hem aşaga düşen günlerem ekin meýdanlarda galyp, daşarda, açyk asmanyň aşagynda ýatýarlar. Ulag hem olar üçin howplydy: köp halatlarda şäherliler uzakda ýerleşen pagta meýdanlara ugradyldy, adamlar howpsuzlyk şertleri bolmadyk ulag serişdelerde köp sagatlap weýran bolan ýollary geçmeli boldular.

Gurakçylyk, suwaryş amallaryndaky bar bolan düýpli problemalar, howanyň üýtgemegi we hökümetiň daşky gurşaw bilen bagly meselelerini çözmezligi ýurtda suw ýetmezçiliginiň döremegine sebäp boldy. Bu bolsa netijede ekin meýdanlaryň hasyllylygyny ep-esli peseltdi we daşky gurşawa uzak möhletleýin zyýan ýetirilnegine ýardam berdi. Daýhanlar hökümetiň bellap beren önümçilik kwotalaryny ýerine ýetirmek üçin taşlanan we gözegçiliksiz galan suwaryş ulgamlary herekete getirmek üçin nagt pul tölemeli ýa-da öz zähmetini siňdirmeli boldular.

Türkmen hökümeti hasyly mehanizirlenen usul bilen ýygnamak el zähmetini ulanmak zerurlygyny aradan aýyrandygyny öňe sürýär. Şeýle-de bolsa, el güýji bilen pagta hasylyň aglaba bölegini ýygdyrmak henizem dürli sebäplere görä amala aşyrylýar, çünki el bilen ýygylan pagta has arassa we gymmatly bolýar, pagta ýygýan maşynlary ownuk hasyl meýdanlarda ýa-da pagta ýygym möwsüminiň başynda ulanmak hiç kime-de amatly däl. Üstesine-de kärendeçi daýhanlar üçin ol maşynlar elýetersiz, olary satyn almak we hyzmat etmek gaty gymmat. Ýerli resmiler hasyl almak üçin özleriniň edýän tagallalaryny görkezmek üçin pagta az ýa-da bolmasa-da, ýygymçylary ekin meýdanlaryna çykarýarlar. Mundan başga-da, köp wezipeli adamlar we edara ýolbaşçylar işgärlerden pagta üçin pul almak düzgünden öz haýyryna, öz kisesini galňatmak üçin peýdalanýarlar.

Korrupsiýa we işgärlerden pul talap etmeklik Türkmenistanyň pagtaçylyk pudagyna ränmahsus zat. Pul we şahsy arabaglanyşyklar iň gowy ekin ýerleri kimiň alýandygyny kesgitleýär; döwlet tarapyndan mugt üpjün edilýändigi aýdylýan tohum, dökün we oba hojalyk tehnikasy ýaly esasy serişdeler hakykat ýüzünde kärendeçilere nagt pula satylýar; araçylar hakyna tutma ýygymçylar üçin býujetçilerden toplanan pullardan öz paýyny alýarlar; pagta kabul ediş merkezleri bolsa daýhanlary döwlete tabşyrmaga getiren hasylynyň 20% -ine çenli mukdaryny aldaw bilen yzygiderli alýarlar. Pagta hasylyň hiç bir elementi-de adaty maliýe ekspluatasiýasyndan azat däldir.

# ESASY TEKLIPLER

Hemme gyzyklanma bildirýän taraplaryň toparlary, şol sanda hökümetler, kompaniýalar we halkara guramalar, Türkmenistanda döwlet tarapyndan gurnalyp ýola goýulan mejbury zähmetiň soňlanmagynda, zähmet hukuklary üçin, şol sanda raýatlaryň birleşmek, kollektiwleýin gepleşikleri alyp barmak, söz azatlygy ýaly beýleki raýat we syýasy hukuklary üçin has giň şertleri döretmekde möhüm rol oýnaýar.

Türkmenistanyň hökümeti döwlet tarapyndan pagta pudagynda gurnalan mejbury zähmeti ulanmaklyk tejribesini bes etmek üçin degişli çäreleri gyssagly görmeli. Hökümet mejbury we çaga zähmetini ulanmagy gadagan edýän milli kanunlary ýerine ýetirmeli; öz tabynlygyndaky işgärleri pagta ýygmaga ýa-da pagta üçin pul talap edýän wezipeli adamlary jogapkärçilige çekmek üçin çäreleri görmeli; BMG-nyň degişli guramalarynyň teklipleri, ýörite proseduralary we HZG gözegçilik mehanizmleri bilen doly hyzmatdaşlyk etmeli. Şeýle hem türkmen hökümeti synçylara, gözegçilere, žurnalistlere we beýleki zähmet hukuklaryny goraýjylara erkin, repressiýa ýa-da jeza howpy bolmazdan ýurtda erkin işlemäge rugsat bermeli.

Daşary ýurt hökümetleri, Birleşen Milletler Guramasy (BMG) we Halkara Zähmet Guramasy (HZG) adam hukuklary konwensiýalaryna we ülňülerine, adam hukuklary we zähmet hukuklary ulgamlaryna, biznes we ynsan hukuklary babatynda toplumlaýyn barlaglara, paýhaslylyk bilen ynsan hukuklaryny kadalaşdyrýan milli kanunçylyga laýyklykda ýurtdaky mejbury zähmet ulgamyny reformirlemek üçin türkmen hökümetine edilýän basyşy artdyrmaly, şeýle hem importyň we global üpjünçilik zynjyryň üsti bilen dünýä kompaniýalarynyň mejbury zähmet bilen öndürilen önümleri satyn almazlygyny gazanmaly.

Adam hukuklary boýunça ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gepleşikleri ýaly jemgyýetçilik we diplomatik forumlarda hökümetler Türkmenistandaky mejbury zähmet baradaky meseläni gozgamaly we adam hukuklaryny goraýjylaryň ýüzbe-ýüz bolan fiziki, raýat we hukuk netijeleri baradaky aladalary ýokarlandyryp, olary goldamaly. Şeýle hem hökümetler Türkmenistanda pagta öndürmek ulgamyna gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn goşant goşýan maýa goýumlarynyň öňüni almak üçin halkara maliýe guramalary bilen mejbury zähmet meselesini gozgamaly.

Ýurt içinde hökümetler türkmen pagtasynyň we ol pagtadan ýasalan taýar önümleriň getirilmegini gadagan etmek üçin import gözegçiligini girizmeli we bu ugurda zerur çäreleri görmeli. Kanun çykaryjy edaralar eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kommersiýa kärhanalaryň özleriniň üpjünçilik zynjyrlarynda ynsan hukuklary babatynda toplumlaýyn barlaglaryň geçirilmegini, üpjünçilik zynjyrlarynyň ähli derejelerine gözegçilik etmegi we aýanlygy gazanmaklygyi talap edýän oýlanyşykly we aýdyň kanunlary kabul etmeli.

HZG garaşsyz raýat jemgyýetiniň ekspertleriniň HZG-nyň ýolbaşçylygyndaky gözegçilik babatynda geçirilýän ähli çärelerine gatnaşmagyny üpjün etmeli we Türkmenistanyň özboluşly kontekstine we döwlet tarapyndan gurnalýan, ýurduň öz aýratynlyklaryna uýgunlaşdyrylan mejbury zähmet barada HZG-nyň ähli görkezijileri boýunça hasabat taýar etmeli. Munuň özi halkara kärdeşler arkalaşyklary we beýleki gyzyklanýan taraplar bilen konstruktiw gatnaşygy, şeýle hem Cotton Campaign guramasy we onyň türkmen raýat jemgyýetinden bolan garaşsyz hyzmatdaşlary bilen HZG-nyň Türkmenistandaky ähli işlerini taslamak we durmuşa geçirmek boýunça yzygiderli maslahatlary hem öz içine alýar.

Halkara Zähmet Guramasy özüniň türkmen hökümeti bilen geçirýän gepleşiklerinde mejbury zähmetiň uzak möhletleýin çözgütleriniň zähmet we raýat hukuklarynyň, şol sanda birleşikleri döretmäge, ýygnaklary geçirmäge we kollektiwleýin şertnama baglaşmaga bolan azatlyklaryň amala aşyrylmagyny talap edýändigini aç-açan görkezmeli. Türkmen hökümetiniň HZG-nyň ähli esasy zähmet konwensiýalary boýunça alan borçnamalaryny anyk ölçegler boýunça ýerine ýetirşini anyklamak, barlamak we ol barada habar bermek işini dowam etmeli.

Söwda brendler, belgiler we satyjylar türkmen pagtasy hökümet tarapyndan goldanýan mejbury zähmet bilen öndürilýänçä islendik türkmen pagtasyny öz önümlerinden ýok etmeklige ygrarlydyklaryny görkezmek üçin “Türkmen pagta wadasyna” gol çekmeli. Bu bolsa Türkmenistandan daşary ýurtlara gönüden-göni amala aşyrylýan üpjünçiligiň haýal etmän bes edilmegini we olaryň önümleriniň düzüminde Türkmenistanda öndürülen pagtanyň ýoklugyny üpjün etmek üçin haryt üpjünçilik zynjyrlaryny çig mal derejesine çenli yzarlamagy öz içine alýar.